# Işdeş ýoldaşymyz / gysga ýumor

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Işdeş ýoldaşymyz / gysga ýumor IŞDEŞ ÝOLDAŞYMYZ

*(«Satira we ýumoryñ» duztorbasyndan)*

Ol biziñ bilen neşirýatymyzda redaktor bolup işleýärdi. Onýyllygy zordan gutaran bu ýoldaşymyz bir gün:
– Bu işlerden iş bolmaz. Bu taýda düşewünt ýok. Goñşy edaranyñ başlygy meni işe çagyrýar. Ykdysatçylyk. Şoña geçýän! – diýdi.
Şeýdip, ol işini täzeledi. Bir ýyldan soñ ony gördüm.
– Ýeri, how, ykdysatçylyk bilen nädýäñ?
Ol dodagyny çöwrüp, ýüzüni ýokary tutdy:
– Ykdysatçylykdan kär bolmaz. Hasap-hesip işi halys beýniñi iýjek! Mekdepde hem hasap sapagyny ýigrener ýörerdim. Men indi o ýerde däl.
– Indi nirede kül dökýäñ?
– «Aşneftemaşda» inžener.
– Bolubilýär! – diýdim-de, öz ýoluma rowana boldum.
Ýene bir ýyldan ýañky ýoldaşymyza gabat geläýdim.
– Ýeri, işler niçik? «Aşneftemaş» bilen gidişip ýörmüñ?
– Päheý, bildirkini bu ýylda agzaýañ, walla! Ondan bäri kän iş çalşylandyr. Tikin fabrigi. Suw prowody uprawleniýesi. «Selhozhimiýa»… Bu günler keselhanañ garawulydyryn!
Sagbollaşdyk.
Günleriñ bir güni içimden sanjy tutdy. Köriçegämi kesmäge keselhana getirdiler. Meni operasion stolda ýatyrdylar. Bir seretsem, başujumda eli skalpelli şol işdeş ýoldaşym dur.
Asyl görüp otursam, ol indi şu keselhanada hirurg bolup işleýär eken.
Şu dünýäde pylan zat bolupdyr diýseler, ynanaýmaly how!

Atamyrat ATABAÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1986. Satiriki hekaýalar